# Synpdaş

Category: Goşgular,Kitapcy,Ýatlamalar
написано kitapcy | 24 января, 2025
Synpdaş SYNPDAŞ

Goý, durmuş ýolumyz bölünibersin,
Bölünmesin, bagtyň ýoly, synpdaş.
Allam arzuwmyzyñ wysalyn bersin,
Bagt bolsun göwünleñ ýary, synpdaş.

Günler geçýär,meñzäp misli ýyldyrym,
Duýmandyrys geçenini ýyllaryñ.
Gaýgysyny ýykyp ýyllañ ýylgyryň,
Ýylgyrşyňyz dünýäñ ýazy, synpdaş.

Käte öýkeledik, ýaraşdyk ýene,
Hoş bolup gülüşdik, degişdik bile,
Ýatlap, ol günleri getirsem dile,
Akar gözden bagtyň ýaşy, synpdaş.

Sizden, ak mekdepden aýry bolsak-da,
Ýatlamalar baky galar gursakda,
Ýatlasak olary her bir pursatda,
Günler güllär ýazlar ýaly, synpdaş.

Uçsak ganatlanyp, asmana sary,
Boý göklerde bolsun, göwün ýer ýaly.
Ykballar düşürse, üstüňden ýoly,
Bolsun ýürek sylag doly, synpdaş.

…Ikilik, bäşligmiz, gamsyz ýaşlygmyz,
Bildirmäliň hijem ara daşlygmyz.
Süýji günde, toý-baýramda duşdugmyz,
Köp bolsun, bolmasyn azy, synpdaş!

Nury SAKÇYÝEW. Goşgular